# Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň

## IT ylmy-tehniki merkezi

# MERKEZ BARADA



- Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň IT ylmy-tehniki merkezi bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işini Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2024-nji ýylyň 08-nji maýyndaky, № 1-15-24-147 belgili ygtyýarnamasy esasynda amala aşyrýar.

# Merkezde okadylýan ugurlar

- Häzirki wagtda, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň IT ylmy-tehniki merkezi **iňlis dili, rus dili, nemes dili, matematika, kompýuter sowatlylygy, baha kesmek işi, baha kesiji hünäri boýunça hünär derejesini kämilleşdirmek, suratkeş, elektrik enjamlary abatlaýjy slesar, elektromontýor-1000 V çenli, awtoulaglary abatlaýjy slesar, himiki derňewiň laboranty, suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi, suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti, gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary, armaturçy-armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji, betonçy, tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor, tokar, elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji, amaly geodeziýa, psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary, kiçi we orta işewürligiň menejmenti, senagat howpsuzlygy boýunça işler, ekologiýa howpsuzlygy** boýunça okuwlar dowam etdirilýär.

# Diller

- Okuw dersiniň maksady: diňleýjilere daşary ýurt diliniň sesleriniň aýdylyş, gurluş aýratynlyklaryny sözleýşi ösdürýän usulda sapak geçmek arkaly öwretmekden, şeýle-de olaryň habarlaşmak üçin zerur bolan sözlügi durmuşda giňden ýaýran sözleýiş ýagdaýlarynyň nusgalyk temalary boýunça özleşdirmeklerini gazanmakdan ybaratdyr. Okuwyň ahyrky maksady diňleýjileriň öwrenen dilinde gepleşip bilmeklerini, ol dilde ýazylan çylşyrymlylygy orta derejede bolan ýazgylary okap, olaryň mazmunyna düşünip bilmeklerini gazanmakdyr.

- **Iňlis dili**
- **Rus dili**
- **Nemes dili**









# Iňlis dili

- Iňlis dilinden öwredilýän derejeler:

| | |
|---|---|
| 1 | Iňlis dili.Başlangyç dereje A1(Beginner) |
| 2 | Iňlis dili.Başlangyç dereje A2(Elementary) |
| 3 | Iňlis dili.Orta dereje B1(Pre-intermediate) |
| 4 | Iňlis dili.Orta dereje B2(Intermediate) |
| 5 | Iňlis dili.Ýokary dereje C1(Upper-intermediate) |
| 6 | Iňlis dili.Ýokary dereje C2(Advanced) |

# Rus dili

- Rus dilinden öwredilýän derejeler:

| | |
|---|---|
| 1 | Rus dili. Başlangyç dereje.A1(Элементарный) |
| 2 | Rus dili. Başlangyç dereje. A 2 (Базовый) |
| 3 | Rus dili. Orta dereje. B1(Средний уровень) |
| 4 | Rus dili. Ýokary dereje. B2.(Уровень выше среднего) |






# Nemes dili







- Nemes dilinden öwredilýän derejeler:

| | |
|---|---|
| 1 | Nemes dili A1.1(başlangyç dereje) |
| 2 | Nemes dili A1.2 (başlangyç dereje) |
| 3 | Nemes dili A2.1 (orta dereje) |
| 4 | Nemes dili A2.2(orta dereje) |
| 5 | Nemes dili B.1.1 (ýokary dereje) |

# Kompýuter sowatlylygy I,II,III

1.Kompýuter sowatlylygy I-(Microsoft Word, Excel,Power Point)

2.Kompýuter sowatlylygy II-(Adobe Photoshop,CorelDRAW)

3.Kompýuter sowatlylygy III-(3DS Max, AutoCAD).



# Matematika




1. Matematika I
2. Matematika II
3. Matematika III

- Matematika möhüm meseleleriniň biri-de, diňleýjileriň logiki pikirlenmesini ösdürmekdir. Matematiki pikirýöretme matematikada kabul edilen düzgünleri, tassyklamalary esaslandyrmagyň we subut etmegiň, aýdyň kesgitlemeleri getirmegiň başarnyklarynyň kemala gelmegine ýardam edýär, logiki pikirlenmäni ösdürýär. Şeýlelikde , matematika diňleýjilerde ylmy-nazary pikirlenmesiniň kemala gelmeginde esasy orny tutýar.

# Suratkeş

Şekillendiriş sungatynda surat çekmegiň esasy ornuny;

suratyň çeperçilik dilini;

- gurallary - kistoçka, reňk, galam, dürli reňkli galamlar, guaş, sangina, ýagly boýaglary ulanmagy;

galamyň kömegi bilen taslamany döretmegi;

döredijilik pikirlerini suratyň kömegi bilen açyp görkezmegi;

- sowuk we ýyly reňkleriň tapawudyny;
- kontrans we nýuans reňkleri;
- binagärlikde koloristikanyň sazlaşygyny;
- şekillendiriş sungatynyň görnüşlerini;
- ilki durmuş sungatyny;
- antik sungatyny;
- orta asyr sungatyny;
- galkynyş döwrüni;
- sungatyň täze şekillendiriş stillerini öwredilýär.



# BAHA KESMEK IşI






- Baha kesmek işi:
- 1.Baha kesmek işiniň esaslary: gozgalmaýan emläge baha kesmek.
- 2.Maşynlara, enjamlara we ulag serişdelerine baha kesmek.
- 3.Işewürlige baha kesmek.

4. Intellektual eýeçilige we maddy däl aktiwlere baha kesmek.

# Kiçi we orta işewürligiň menejmenti

| | |
|---|---|
| 1. | Türkmenistanyň ykdysadyýeti |
| 2. | Bazar ykdysadyýetiniň esaslary |
| 3. | Işewür gatnaşyklaryň edebi |
| 4. | Işewürligiň we telekeçiligiň esaslary |
| 5. | Işgärleri dolandyrmak |
| 6. | Amaly menejment |
| 7. | Umumy bazary öwreniş |
| 8. | Maglumat menejmenti |
| 9. | Menejerleriň guramaçylyk häsiýetleri |
| 10. | Strategiki menejment |
| 11. | Taslamalary dolandyrmak |
| 12. | Umumy menejment |



- Okuwlaryň kiçi we orta işewürligiň kärhanalarynyň ýolbaşçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen.

# Psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary





- “Psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary” dersiniň okatmagyň aýratynlygy Halkara ykdysady işjeňligiň we adamlaryň, guramalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ähli görnüşlerinde özüňi alyp barmagyň işewür görnüşiniň uly orun eýelemegi netijesinde ylmy dolandyryş we gözegçilik ulgamlarynda adamyň zähmet öndürijiliginiň psihologik taýdan kanunalaýyklygyny we onuň bu ulgamlardaky tehniki gurluşlaryň maglumatara arabaglanyşygyny öwrenmeklige gönükdirilendir.

# Hünär boýunça okuwlar

- Nazary we önümçilik okuw taýýarlygy işgärlere howpsuz iş usullaryny öwretmäge, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygyň kadalary boýunça bilimlerini artdyrmaga, çuňlaşdyrmaga we berkitmäge, bilimlerini önümçilik şertlerinde ulanmaga gönükdirilendir.

| | |
|---|---|
| 1. | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar |
| 2. | Elektromontýor-1000 V çenli |
| 3. | Awtoulaglary abatlaýjy slesar |
| 4. | Himiki derňewiň laboranty |
| 5. | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi |
| 6. | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti |
| 7. | Armaturçy-armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji |
| 8. | Betonçy |
| 9. | Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor |
| 10. | Tokar |
| 11. | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji |
| 12. | Amaly geodeziýa |
| 13. | Kiçi we orta işewürligiň menejmenti |
| 14. | Ekologiýa howpsuzlygy |
| 15. | Senagat howpsuzlygy boýunça işler |

# Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar



Geçiş prosesi wagty elektrik hereketegetirijilerde energiýa tygşytlylyk usullaryny analizirlemäge; ekwiwalent toguň, momentiň hem-de kuwwatyň optimizirleme usullaryna; şahtalarda ulanylýan elektrik hereketegetirijileriň ýük göterijiliginiň diagrammalaryny modelirlemäge;elektrik ýüklenmeleri hasaplamagyň usullaryna we olar barada umumy maglumatlara; ortaça we maksimal ýüklenmeleri hasaplamagyň usullaryna; elektrik üpjünçiligiň derejeleri boýunça maksimal ýüklenmeleriň hasaplamalaryny ýerine ýetirmegi öwredilýär.

# Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti



Hünär taýýarlygygny geçen diňleýji kärhanalarda ulanylýan gazanlaryň, tehnologiki enjamlaryň, olarda ulanylýan ýylylyk - tehniki enjamlarynyň we elektrotehniki materiallaryň ulanylyşyny hem-de ýylylyk - tehniki enjamlarynyň işledilişini talaba laýyk guramagy, ýylylyk - tehniki enjamlaryna hyzmat etmegi we abatlamagy, ýylylyk - tehniki enjamlary ulanylanda, tehniki ideg we abatlama işleri geçirilende tehniki we ýangyn howpsyzlygynyň kadalaryny berjaý etmegi, kärhananyň enjamlaryny aýawly ulanmagy we saklamagy, öndürijilikli işlemegi doly amala aşyrmagy öwredýär.

# Armaturçy-armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji

Armaturçy hünärmenleri ýurdumyzyň gurluşyk we senagat desgalarynda tehniki howpsuzlygynyň düzgünlerini;esasy we goşmaça materiallaryň häsiýetlerini; metallaryň häsiýetlerini; fizikanyň we himiýanyň esaslaryny;gurallaryň we ulanylýan enjamlaryň idegini we olaryň bejerilişini;synaglar geçirilende ulanylýan enjamlaryň abzallaryň ulanylyşyny öwredýär.



Ekologiýa howpsuzlygy filosofiýa, syýasy, hukuk, ykdysady, jemgyýetçilik we tebigy ylymlaryň taraplaryny öz içine alýan utgaşykly ylymdyr we jemgyýetiň, biosferanyň we tehnologiýanyň durnukly ösmegi üçin zerur şert bolup durýar. Ekologiýa howpsuzlygy döwletiň milli howpsuzlygynyň möhüm bölegidir.



# Amaly geodeziýa




- Amaly geodeziýa topografik kartalary we planlary topografik-geodezik işlerde ulanylýan koordinatalar ulgamlaryny, dürli görnüşdäki, şol sanda, nanotehnologiýaly geodeziki ölçemeleri geçirmegi; ölçeme ýalňyşlyklary bilen bagly hasaplamalary geçirmegi; Inžener-geodezik gözlegleriň häzirki zaman usullaryny öwredýär

# Senagat howpsuzlygy boýunça işler

- Kärhanalaryň we guramalaryň howply önümçilik desgalarynyň ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriniň hünär synagyny (bilimleriniň barlagyny) geçirmegiň zerurlygy senagat howpsuzlygy we zähmeti goramak çygryndaky kadalaşdyryjy hukuk namalar göz öňüne tutuldy.



## Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor

- Işi boýunça işçi kadrlaryny okatmagyň meýilnamasyna laýyklykda okuw döwründe önümçiligiň häzirki zaman tehnologiýalaryny özleşdirmekden, enjamlara tehniki taýdan hyzmat etmekden, işiň howpsuz usullaryny öwretmekden, zähmet öndürijiligini artdyrmagyň usullaryny öwrenmekden, öňdebaryjy tejribeli işçileri taýýarlamakdan, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň ösüşini mundan beýläk-de özleşdirmekden ybarat.



# Betonçy



Betonçy hünärmenleri ýurdumyzyň gurluşyk we senagat desgalarynda tehniki howpsuzlygynyň düzgünlerini; esasy we goşmaça materiallaryň häsiýetlerini öwredilýär.

# Awtoulaglary abatlaýjy slesar

Awtoulaglary abatlaýjy slesar hünärmenleri ýurdumyzyň awtomobil kärhanalarynda awtohyzmat ussahanalarynda tehniki howpsuzlygynyň düzgünlerini öwredýär.

